Informatika häzirki zaman tehnologiki ösüşleriň esaslaryny düzýän giň ylmy we amaly ugur bolup, maglumatlary toplamak, işlemek, saklamak we ulanmak bilen baglanyşyklydyr. Bu ugur diňe bir kompýuterleriň we programmirlemeň ösüşi bilen çäklenmän, eýsem, durmuşymyzy üýtgedýän we ösdürýän dünýäni giňeltýän kömekçi güýçdir.

Informatika kompýuter ulgamlarynyň teoretiki esaslaryndan başlap, olary amaly taýdan ulanmak bilen dürli pudaklarda giňden ulanylýar. Mysal üçin, emeli intellekt, uly maglumatlaryň dolanyşygy (big data), bulut tehnologiýalary we kiberhowpsuzlyk informatika arkaly döreýän döwrebap çözgütlerdir. Bu tehnologiýalar häzirki zaman jemgyýetinde amatlylygy, netijeliligi we howpsuzlygy üpjün edýär.

Bilim ulgamynda informatika aýratyn ähmiýete eýedir. Sanly okuw platformalary, interaktiw programmalary we maglumat dolanyşygyň awtomatlaşdyrylmagy mugallymlar bilen okuwçylaryň aragatnaşygyny ýokarlandyrmaga kömek edýär. Bu usullar bilim almagy has gyzykly we täsirli etmäge mümkinçilik berýär.

Informatikanyň esasy ugrunyň biri hem maglumatlaryň goragy we ulanylyşy bilen baglanyşyklydyr. Kiberhowpsuzlyk ulgamlary dürli maglumatlaryň goragyny üpjün edýär, bu bolsa şahsy maglumatlaryň howpsuzlygyny we kompaniýalaryň durnuklylygyny saklamakda möhüm rol oýnaýar.

Umuman informatika dünýäni üýtgetmäge we täze mümkinçilikleri açmaga ýardam edýän güýçli bir ulgamdyr. Ol täze tehnologiýalary döretmekde we jemgyýetiň ösüşini üpjün etmekde ähmiýetli orun tutýar. Geljekde informatika has giň mümkinçilikler bilen durmuşymyzy üýtgetmäge dowam eder.

Selbi AZIZOWA
Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy

Все права защищены